| Türkmenistanyň Merkezi bankynyň başlygynyň 2021-nji ýylyň 8-nji iýunyndaky 181-iş belgili buýrugy bilen tassyklanyldy | Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2021-nji ýylyň 3-nji iýulynda 1487 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alyndy |
|---|---|

# Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar gaznasy tarapyndan fiziki we ýuridik şahslara depozit öýjükleri (seýfleri) ulanmaklyga bermekligiň Düzgünleri

1. Şu Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar gaznasy tarapyndan fiziki we ýuridik şahslara (mundan beýläk-Müşderi) depozit öýjükleri (seýfleri) ulanmaklyga bermekligiň Düzgünleri (mundan beýläk-Düzgünler) 2011-nji ýylyň 25-nji martynda kabul edilen "Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň, "Türkmenistanyň Gymmat bahaly metallaryň we gymmat bahaly daşlaryň döwlet gaznasynyň meseleleri hakynda" Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 29-njy ýanwarynda çykaran 2090-njy karary bilen tassyklanylan, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar gaznasy hakynda Düzgünnama, Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2014-nji ýylyň 4-nji awgustynda 785 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň Başlygynyň 2014-nji ýylyň 4-nji iýulynda çykaran 281-iş belgili buýrugy bilen tassyklanan, Karz edaralarynda pulhana amallaryny ýöretmegiň tertibi barada Düzgünnama laýyklykda işlenilip düzüldi we bu Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar gaznasynyň (mundan beýläk – Gazna) awtomatlaşdyrylan we ýönekeý depozit öýjüklerini (seýflerini) Müşderä ulanmaklyga bermekligiň tertibini kesgitleýär.

2. Şu Düzgünleriň maksatlary üçin şu aşakdaky düşünjeler ulanylýar:

1) awtomatlaşdyrylan depozit öýjügi (seýf) – Gaznanyň edara binasynda ýörite enjamlaşdyrylan otagynda (mundan beýläk-depozitariý jaýy) ýerleşen awtomatiki usulda Müşderi tarapyndan resminamalary we gymmatlyklary goraga goýmaga niýetlenen öýjük (seýf);

2) ýönekeý depozit öýjügi (seýf) – Gaznanyň edara binasynda Müşderi tarapyndan uly we kiçi ölçegdäki resminamalary we gymmatlyklary goraga goýmaga niýetlenen otagda (mundan beýläk-depozitariý jaýy) ýerleşen öýjük (seýf).

3. Depozit öýjükleri ulanmaklyga bermeklik, "Döwlet emläginiň kärendesine berilmeginiň Tertibini tassyklamak hakynda" Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 1-nji noýabrynda çykaran 1452-nji kararyna esaslanyp, Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2020-nji ýylyň 24-nji ýanwarynda 1296 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan,Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar gaznasy we fiziki ýa-da ýuridik şahslaryň arasynda "Döwlet emläginiň kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalaryny bellige almagyň Tertibini tassyklamak hakynda" Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň 2020-nji ýylyň 17-nji ýanwarynda çykaran

17-ö belgili buýrugy bilen tassyklanan, Döwlet emläginiň kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalaryny bellige almagyň Tertibiniň (mundan beýläk-Döwlet emläginiň kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalaryny bellige almagyň Tertibi) 4-nji goşundysynda bellenen Döwlet emläginiň kärende şertnamasynyň birkysmy görnüşine laýyklykda kärende şertnamasyny (mundan beýläk-Şertnama) baglaşmak arkaly ýerine ýetirilýär.

4. Şertnamany baglaşmaga isleg bildiren fiziki we ýuridik şahslar (mundan beýläk-şahs) bu barada arza we oňa goşulan degişli resminamalar bilen Gazna ýüz tutýarlar. Gaznanyň gymmatlyklary saklamak boýunça müdirliginiň degişli hünärmeni (mundan beýläk – Hünärmen) arza we oňa goşulan resminamalary öwrenenden soň, Müşderini depozitariýa jaýynyň iş tertibi bilen tanyşdyrýar.

5. Taraplaryň deň güýji bolan üç nusgada ýazmaça görnüşinde düzülen, gol çeken şertnamalary Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň ýa-da onuň buýrugy bilen bellenilen halatlarda Baş müdirlikler tarapyndan bellige alnan gününden başlap güýje girýär, şunda baglaşylan şertnamanyň ähli nusgasyna onuň bellige alnandygy hakynda bellenilen görnüşdäki möhürçe goýulýar.

6. Degişli resminamalar resmileşdirilenden soň Hünärmen Müşderä awtomatlaşdyrylan we ýönekeý depozit öýjüginiň (seýfiň) (mundan beýläk bilelikde - depozit öýjük (seýf)) işleýiş hem-de ulanyş düzgünlerini düşündirýär.

7. Kärende tölegi kärende gatnaşyklarynyň başlanan senesinden tölenmäge degişli bolup durýar.

Müşderi tarapyndan depozit öýjügini (seýfi) ulanmak üçin Döwlet emläginiň kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalaryny bellige almagyň Tertibine laýyklykda kärende tölegi tölenileninden soňra, oňa ýönekeý depozit öýjügini (seýfi) ulanmak üçin şahsy belgili açaryň bir nusgasy berilýär, awtomatlaşdyrylan depozit öýjügini (seýfi) ulanmak üçin depozit seýfiň konteýneriniň şahsy belgili açarynyň bir nusgasy, magnit karty we PIN kody berilýär.

Müşderi ýönekeý depozit öýjügini (seýfi) ulanmak üçin niýetlenen şahsy belgili açaryň, awtomatlaşdyrylan depozit öýjügini (seýfi) ulanmak üçin niýetlenen konteýneriniň şahsy belgili açaryň, magnit kartynyň we PIN koduň üçünji taraplardan goraglylygyny üpjün etmelidir, şeýle hem abat ýagdaýda saklamalydyr.

Awtomatlaşdyrylan depozit öýjügi (seýf) ulanylan ýagdaýynda, Gazna iş günleri Müşderiniň şahsy magnit kartasynyň we PIN kodunyň hasaba alynmagy bilen Müşderiniň depozit öýjüge (seýfe) ygtyýarly bolmagyny üpjün edýär.

8. Müşderi depozit öýjügi (seýfi) ulanan döwründe ýönekeý depozit öýjügini (seýfi) ulanmak üçin niýetlenen şahsy belgili açarynyň we awtomatlaşdyrylan depozit öýjügini (seýfi) ulanmak üçin niýetlenen konteýneriniň şahsy belgili açarynyň ýa-da magnit kartasyny we PIN koduny zaýalan ýa-da ýitiren halatynda, bu barada Gazna habar bermelidir. Gazna bolsa, Müşderi bilen baglaşylan şertnamada göz öňüne tutulan goşmaça töleg esasynda, Müşderini zaýalanan ýa-da ýitirilen açaryň ýa-da magnit kartasynyň we PIN kodunyň gaýtadan dikeldilmegini üpjün etmelidir.

Açary ýa-da magnit kartasynyň we PIN kodunyň dikeldilmegi mümkin bolmadyk ýagdaýynda, Gaznanyň we Müşderiniň arasynda goşmaça ylalaşyk resmileşdirmek arkaly ulanmak üçin başga depozit öýjügi (seýfi) berilmelidir.

9. Müşderi awtomatlaşdyrylan depozit öýjügi (seýfi) ulanmak maksady bilen depozitariýa jaýynda onuň we Gaznanyň arasynda baglaşylan şertnamada bellenen

wagtyň dowamynda bolmalydyr. Müşderi depozit öýjügi (seýfi) ulanylandan soň, ýönekeý depozit öýjügini (seýfi) ulanmak üçin niýetlenen şahsy belgili açary we awtomatlaşdyrylan depozit öýjügini (seýfi) ulanmak üçin niýetlenen konteýneriniň şahsy belgili açaryny ýa-da magnit kartasyny tabşyrmadyk ýagdaýynda, Gazna Şertnamada onuň talaplarynyň bozulmagy üçin göz öňünde tutulan çäreleri görmäge haklydyr.

10. Müşderiniň depozit öýjügini (seýfi) üçünji tarapa peýdalanmaklyga bermekligi diňe notarial taýdan resmileşdirilen ynanç haty esasynda amala aşyrmaga hukugy bardyr. Ynanç hatynda depozit öýjügiň (seýfiň) belgisi görkezilip, şol Gazna tabşyrylýar we Müşderiniň şahsy jildinde (iş bukjasynda) saklanylmalydyr.

Bu ýagdaýlarda ynanylan wekile ýönekeý depozit öýjügini (seýfi) ulanmak üçin niýetlenen şahsy belgili açar we awtomatlaşdyrylan depozit öýjügini (seýfi) ulanmak üçin niýetlenen konteýneriň şahsy belgili açary ýa-da magnit kartasy şeýle hem, PIN kod berilýär.

11. Şertnamanyň möhleti tamamlanan ýa-da taraplar tarapyndan şertnama ýatyrylan ýagdaýynda, Müşderi depozit öýjügi (seýfi) boşatmaklyga we ýönekeý depozit öýjügini (seýfi) ulanmak üçin niýetlenen şahsy belgili açaryny we awtomatlaşdyrylan depozit öýjügini (seýfi) ulanmak üçin niýetlenen konteýneriň şahsy belgili açaryny ýa-da magnit kartasyny Gazna gaýtaryp bermeklige borçludyr.

12. Gazna depozit öýjügiň (seýfiň) goraglylygy boýunça Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýär.

13. Şertnama möhletinden öň ýatyrylan halatynda, Müşderi tarapyndan öňünden tölenilen pul möçberinden artyk galan pul möçberi Gazna tarapyndan onuň hasaplaşyk hasabyna yzyna gaýtaryp berilmelidir.

14. Şertnamanyň hereket edýän möhleti tamamlanylyp, emma Müşderi özüniň goraga goýan zatlaryny almadyk ýagdaýynda, Şertnamanyň möhleti 60 (altmyş) senenama gününe çenli uzaldylýar we bu döwür üçin Müşderi soňundan tölegini geçirmäge borçludyr.

15. Bellenen 60 (altmyş) senenama gününiň tamamlanmagy bilen Müşderi ýa-da onuň mirasdarlary goraga goýan zatlaryny talap etmedik ýagdaýynda, şeýle hem olar barada Gazna tarapyndan olary tapmak boýunça geçirilen işleriň netijesinde maglumat ýok bolsa, onda emläk babatynda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda degişli işler geçirilip bilner.

16. Müşderi ölen halatynda, ölüm hakyndaky şahadatnamanyň nusgasy we döwlet notarial edarasy tarapyndan berlen Mirasa bolan hukuk hakynda şahadatnama esasynda onuň depozit öýjüginde (seýfinde) saklanan emläk mirasdarlaryna gaýtarylýar.

17. Müşderi depozit öýjüginden (seýfinden) emläklerini, Şertnamada bellenen onuň tamamlanýan möhletinden her bir gijä galynan güni üçin tölegleri töläp, şeýle hem ýönekeý depozit öýjügini (seýfi) ulanmak üçin niýetlenen şahsy belgili açary we awtomatlaşdyrylan depozit öýjügini (seýfi) ulanmak üçin niýetlenen konteýneriň şahsy belgili açaryny ýa-da magnit kartasyny tabşyranyndan soň, alyp biler. Müşderä onuň emlägi gaýtarlyp bermek barada ykrar haty resmileşdirilýär.

18. Gizlinligi üpjün etmek maksady bilen, depozitariýa jaýyna diňe Müşderini we/ýa-da Müşderiniň ynanylan wekili goýberilýär. Müşderiniň depozitariýa jaýynda bolmaly wagty 15 minutdan artyk bolmaly däldir.

19. Gazna depozit öýjükleri (seýfleri) Müşderilere ulanmaklyga bermek boýunça tölegleriň möçberi, onuň üýtgedilmegi “Döwlet emläginiň kärendesine berilmeginiň Tertibini tassyklamak hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 1-nji noýabrynda çykaran 1452-nji kararyna hem-de Döwlet emläginiň kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalaryny bellige almagyň Tertibine laýyklykda amala aşyrylýar.

20. Ýönekeý depozit öýjüginden (seýfden) ulanmak maksady bilen depozitariýa jaýyna geçmek üçin Gaznanyň ygtyýarly işgäri Müşderiniň şahsyýetini tassyklaýan resminamasyny barlaýar we depozitariýa jaýyna barmak barada degişli kitapda bellik edýär. Müşderi Gaznanyň ygtyýarly işgäriniň ugratmagynda depozitariýa jaýyna geçýär.

21. Müşderi Gaznanyň ygtyýarly işgäriniň gatnaşmagynda ýönekeý depozit öýüjügini (seýfi) açmalydyr. Müşderi kasetany ýönekeý depozit öýjüginden (seýfden) çykaryp, aýratyn otaga geçmelidir. Gaznanyň ygtyýarly işgäri depozitariýa jaýynyň daşky otagynda galýar.

22. Müşderi aýratyn otagda ýeke özi ýa-da ynanylan wekili bilen bile bolýar. Aýratyn otagda Müşderi gymmatlyklary kaseta goýýarlar/çykarýarlar. Haçan-da, Müşderi kasetany ýönekeý depozit öýjügine (seýfe) yzyna goýmaklyga taýýar bolan-da, depozitariýa jaýynyň daşky otagyna girýär we kasetany ýönekeý depozit öýjügine (seýfe) goýýar we ony ýapýar.

23. Müşderi Gaznanyň ygtyýarly işgäriniň ugratmagynda depozitariýdan çykýar. Gaznanyň ygtyýarly işgäri depozitariýa jaýy ýapýar. Müşderi we Gaznanyň ygtyýarly işgäri depozitariý jaýyndan çykan wagty barada depozitariýa jaýyna barmak barada degişli kitapda bellik edilýär.

24. Awtomatlaşdyrylan depozit öýjüginden (seýfden) ulanmak maksady bilen Müşderi depozitariýa jaýyny magnit kartoçkasy bilen girýär. Magnit kartasy arkaly Gazna tarapyndan Müşderiniň barabarlamagy geçirilýär we depozitariýa jaýyna goýbermeklik ýerine ýetirilýär. Gazna Müşderiniň awtomatlaşdyrylan depozit öýjügine (seýfine) ygtyýarly bolmagyny üpjün edýär.

25. Müşderi magnit kartoçkasyny ulgamyň kartriderine salýar we sensor ekranynda PIN kod girizýär. Şunuň esasynda Müşderiniň we onuň awtomatlaşdyrylan depozit öýjüginiň (seýfiniň) identifikasiýasy geçirilip, oňa goýbermeklik ýerine ýetirilýär.

26. Awtomatizirlenen ulgam Müşderä konteýneri gowşurýar. Müşderi konteýneriň şahsy belgili açary bilen konteýneri açýar. Ähli hereketleriň tamamlanmagyndan soňra konteýneri hökman konteýneriň şahsy belgili açary bilen ýapmak zerurdyr.

27. Awtomatlaşdyrylan depozit öýjüginiň (seýfiniň) konteýnerinde saklanylýan gymmatlyklaryň agramy 10 (on) kilogramdan artyk bolmaly däldir.

28. Depozit seýfiň konteýneriniň ýapylmagyndan soňra sensor ekranyndaky “Depozit” düwmesini basmak zerurdyr. Awtomatlaşdyrylan ulgam konteýneri yzyna saklanýan ýerine depozit seýfe gaýtaryp eltýär we Müşderi depozitariýa jaýyndan çykyp biler.

29. Şu Düzgünler bilen düzgünleşdirilmedik gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda düzgünleşdirilýär.